# Ogluma ýazan hatlarym / 26-njy hat

Category: Kitapcy,Pedagogika we edep-terbiýe,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025

Ogluma ýazan hatlarym / 26-njy hat 26. Salam, eziz perzendim!
Seniň hatyň mende uly howsala döretdi. Ol meni ynsan kalbynyň terbiýeläp bolmaýan, terbiýeçileriň ýatdan çykarýan syrly «künjekleri» barada ykjam oýlanmaga mejbur etdi… Sen studentiň yzyndan uzak obadaky kolhozçy ejesiniň gelendigini, studentiň bolsa ejesiniň sada oba daýhanylygyndan utanyp, ondan namartlarça gizlenendigini, ýoldaşynyň üsti bilen ogluň bir ýana gitdi diýdirendigini,… emma towuk eti, ýag hem çörek salnan sebedi goýup gitmegini sargamany welin ýadyndan çykarmandygyny gahar-gazap bilen ýazýarsyň…
Sen gaharlanýarsyň, men bolsam böwrümi diňleýärin dünýäniň kommunistik taýdan özgertmegiň iň çylşyrymly sferasy adamlaryň özara gatnaşygymyka, ynsan kalbyna hakyky ynsanyýetçiligiň berkarar  bolmagyndamyka diýýärin. Iň gowy, adamkärçilikli zatlar adamyň özünde, onuň oý-pikirlerinde we duýgularynda mäkäm beýanyny tapmasa, kommunistik önümçilik gatnaşyklarynyň ýeňmegi barada gürrüňem bolup bilmez.
Pedagogikanyň bir teoretigi golaýda: hakyky ideýa terbiýesi çaganyň gyzyl pioner galstugyny daňynyp ugran pursatyndan başlanýar diýip aýtdy. Munuň özi ullukan ýalňyşlykdyr. Ideýa terbiýesi çaganyň «eje» sözüni aýdan pursatyndan başlanýar.
Ynsan keşbi bir adamdan bolan çaganyň näme bolup ýetişjekdigi ägirt uly derejede şol çaganyň ejesine nähili garajagyna, «eje» sözüni aýdanynda onuň nähili duýgyny başdan geçirýändigine baglydyr. Perzentlik borjy – adamkärçilikde synap görmeklikdir.
Köne bir ukrain rowaýaty bar.
Enäniň ýalňyz ogly bar eken. Ol owadanlykda deňi-taýy bolmadyk täsin bir gyza öýlenipdir. Ýöne gyzyň ýüregi gara, zalym bolupdyr. Ogul gelnini öýlerine alyp gelipdir. Gelin

gaýnenesini halamandyr we adamsyna: «Ejeň öýe girmesin, ony dälize göçür» diýipdir. Ogul ejesini dälize göçüripdir, oňa öýe girmegi gadagan» edipdir. Ene yzgytsyz gelniniň gözüne görünmäge eýmenipdir. Gelin däliziň üsti bilen geçip ugranynda, ene krowatyň aşagyna girip gizlenipdir.
Emma bu zatlar gelne az görnüpdir. Ol adamsyna: «Öýde ejeň garasy hem görünmesin, ony saraýa geçir» diýipdir. Ogul ejesini saraýa geçiripdir. Ene garaňky saraýdan diňe gijelerine çykypdyr. Günlerde bir gün ýaş gelin gülläp oturan alma agajynyň aşagynda dynç alyp oturan eken, onýança ol enäniň saraýdan çykanyny göräýipdir. Aýal dergazap bolup, äriniň üstüne eňipdir: «Eger seniň men bilen ýaşasyň gelýän bolsa, ejeňi öldür, onuň göwsünden ýüregini sogur-da, maňa getirip ber» diýipdir. Perzent ýüregi eger-eger sarsmandyram, aýalynyň görlüp-eşidilmedik jemaly onuň erkini halys elinden alan bolarly. Ol baryp ejesine: «Ýör, eje, derýada suwa düşüp geleli» diýipdir. Olar kenardan ýörap gidipdirler. Ene ýolda daşa büdräp ýykylypdyr. «Eje, näme büdreýäň-le? Näme üçin aýagyň aşagyna seredeňok? Beýdip, ýykylyp-sürşüp barjak bolsak, biz agşama çenli-de derýa ýetmeris» diýip, oglunyň gahary gelipdir.
Baryp geýimlerini çykaryp, suwa düşüpdirler. Ogul ejesini öldüripdir, onuň gursagyndan ýüregini sogrubam klýonyň ýapragynyň arasyna salyp, alyp gaýdypdyr. Ene ýüregi böküp dur diýýär. Ogul daşa büdräp ýykylypdyr, dyzy gütläp ýere degipdir, enäniň gyzgyn ýüregi bolsa gyýçak daşyň üstüne zyňlyp düşüpdir, durşy bilen gana boýalypdyr, şol ýagdaýda-da tisginip: «Janym balam, dyzyňy gaty agyrdaýan-a dälsiň-dä? Otur, demiňi dürse, eliň aýasy bilen agyrdan ýerini sypalaşdyr» diýip, pyşyrdapdyr.
Ogul möňňürip ugrapdyr, ejesiniň gyzgyn ýüregini eliniň aýasyna alyp, bagryna basypdyr, derýanyň kenaryna gaýdyp barybam, ýüregi para-para edilen gursagyň içine salypdyr, ony gözüniň ýaşy bilen ezipdir. Ogul özüni mähriban ejesi ýaly, hiç kimiň hiç haçan beýle wepaly, beýle mähirli söýmändigine ýaňy düşünip galypdyr. Ene söýgüsi şeýle uly, şeýle çäksiz bolansoň, onuň ýüregindäki ogluny şadyýan, gaýgysyz-ünjüsiz

görmek islegi şeýle çuňňur, şeýle güýçli bolansoň, ýürege jan gelipdir, paralanan gursak ýapylypdyr, ene ýerinden galypdyr we oglunyň buýra saçly kellesini bagryna basypdyr. Şondan soň ogul owadan aýalynyň ýanyna gaýdyp dolanyp barmandyr, ol oňa diýseň ýigrenji bolup görnüpdir. Enede öýlerine dolanyp barmandyr. Olar iki bolup, çöle çykypdyrlar we iki sany depä öwrülipdirler. Her gün ir bilen dogup gelýän günüň ilkinji şöhleleri depeleriň üstüne düşüpdir.
Halkyň parasady bilen dörän rowaýat ine, şeýle. Ene söýgüsinden güýçli söýgi, ene mähriden näzik mähir, alada, ene gözleriniň çirim etmeýän ukusyz gijeleriniň howsalasy ýaly howsala ýokdur. «Eger perzent ýüreginde ene söýgüsinden müňlerçe esse az uçgun oýananam bolsa, şonda-da ol uçgun adamyň bütin ömrüni sönmez ýalkym bilen ýagtyldardy» diýlip, ukrain halkynyň dana sözlerinde aýdylýar.
Adamzat ene söýgüsi bolansoň ýaşaýandyr. Ene söýgüsinden mukaddes hem mährem söýgi ýokdur: onuň bilen deneşdireniňde her bir ysnyşma, her bir söýgi, her bir hyjuw ýa gowşakdyr, ýa-da bir bähbitjik araýandyr — men W.G.Belinskiniň bu sözlerinde birjik-de ulaltma ýok diýip, pikir edýärin.
Perzent minnetdarlygy… Ogullarynyň ýa gyzlarynyň doňýürek, perwaýsyzlyklaryny, olaryň enedir atasynyň eden ýagşylyklaryny unudyşlaryny görüp, enedir ata ýürekleri, gör, näçe hasratly pikirleri, gynynçly pursatlary başdan geçirýärler. Ömrüniň azalyp barýanyny duýýan adam üçin çagalarynyň gowy ýaşamagynyň, abadançylygynyň hatyrasyna ene-atanyň döreden ýagşylyklary we elpe-şelpelikleri üçin çagalaryň minnetdarlygyndan döreýän şatlyk ýaly güýçli şatlyk ýokdur. Halk moralynyň genji-hazynasynda ýagşylyk bilmez gyz munuň özi, megerem, ynsan nogsanlarynyň iň ýiti, iň çuň ýazgarylmasydyr. Päk, asylly ýüregi terbiýelemegi biz hut zähmetkeş halkdan öwrenmelidiris, oza bolmasa, hakyky ynsanyýetçilik, azat adamlaryň dostlugy, ýoldaşlygy we doganlygy mümkin bolmadyk ruhy güýji biz halk moralynyň tükeniksiz çeşmesinden susup almalydyrys. Men saňa oblastymyzdaky obanyň adamlarynyň ýagşylyk bilmez ogly nähili ýazgarandygyny gürrüň bereýin. Oglum, halkdan öwren, oňat

zatlardanam, erbet zatlardanam öwren.

Ene iki sany ogly terbiýeläp ýetişdiripdir. Olaryň biri uruşda dereksiz ýitipdir, beýlekisi gullukdan diri hem jany sag gaýdyp gelipdir, ýany bilenem telim çemodan «olja alnan» zatlary getiripdir. Ol bu çemodanlary hiç haçan ejesi barka açmandyr. Enäniň jaýynyn haýy gaçansoň, ogly täze jaý gurmagy ýüregine düwüpdir. Obanyň beýle çetinden, ejesinden uzagrak bir ýerden ol özüne ýer saýlap alypdyr. Kerpiç jaý salyp, üstüni galaýy bilen basyrypdyr, öýlenipdir. Ýaş maşgala garyplyk garasyny görmän ýaşapdyr. Ýöne onuň ejesiniň jaýy ýan beripdir. Şonda ol oglundan: «Deşik üçegi saman bilen ýapyp ber» diýip, haýyş edipdir. Ogly: «Meniň öz aladam özüme ýetik, öz jaýyň gamyny özüň iý» diýip, jogap beripdir. Ene gözýaş döküp aglapdyr…

Garry enäniň üstüne agyr hasrat inipdir: ol nähoşlap, düşekden ýanyny galdyryp bilmändir. Eli-aýaklary ysmandyr. Goňşulary enäniň oglunyň ýanyna baryp: «Andreý, heý utanaňokmy? Ejeň düşekden galybilmän ýatyr, oňa birsyhly idi-yssuwat etmeli ahyryn» diýipdirler. Ogul ejesiniň ýanyna baryp gaýtmaga söz beripdir, emma barmandyr. Nähoş kempire goňşulary göz-gulak bolupdyrlar.

Ýarym ýyl geçipdir, bir ýyl geçipdir. Ene gitdikçe pessaýlapdyr. Emma ogly ondan ýeke gezegem habar tutmandyr. Basym ogly ejesinden boýun towlaýarmyş diýen habar bütin oba ýaýrapdyr. Adamlar Andreýi doňýürek, soňra bolsa has beterräk, haýwan diýip atlandyrypdyrlar. Andreýiň dört sany goňşusy onuň täze jaýynyň ýanynda özlerine täze jaý tutunjak bolan ekenler. Ýöne, eýsem, päk ýürekli kolhozçy doňýürek haýwanyň ýanynda ýaşap bilermi? Kolhozçylar özlerine başga ýerden uçastok berilmegini haýyş edipdirler, täze ýerden jaý tutup, oňa göçüp barypdyrlar. Üsti saman bilen basyrylan dört sany boş jaý haňlap galypdyr. Andreýiň ýaşaýan köçesinden ýöremek gorkunç bolupdyr. Agşamdan ertire çenli boş howlularyň ýokarsynda baýguşlaryň gamgyn owazlary ýaňlanypdyr. Bir ýyldan ýene bäş kolhozçy ol ýerden täze jaýa göçüpdirler, onsoň ol köçe hasam eýmenç görnüpdir. Andreý kolhoz başlygyndan boşan uçastoklary kimdir birine jaý salmak üçin bermegini haýyş edipdir, ýöne

hiç kimiň onuň ýanyna göçüp barasy gelmändir.
Baharyň gök gürlän gijesi taşlanan jaýlaryň birini ýyldyrym urup otlapdyr, şemal turup, taşlanan jaýlaryň bary kül bolupdyr, diňe Andreýiň galaýy bilen basyrylan tamyna zat bolman, sag-aman galypdyr. Şol gijäniň özünde hem Andreýiň ejesi ölüpdir. Ogly aýaly bilen ejesini jaýlamaga gelipdir, ogullaryň ejeleriniň başujunda aglaýyşlaryny edip, zordan aglan kişi bolupdyr, ýöne edilmeli zatlaryň baryny eýýäm kimdir biri edip goýan eken. Goňşulary kempiriň galanja eşiklerini ýygnap, bir düwünçege düwüpdirler. Andreý düwünçegi öýlerine alyp gidipdir, adamlar onuň yzyndan geň görmekden ýigrenç gatyşykly garaýyş bilen seredip galypdyrlar. Ýangyn bolan ýeri syrkyn basypdyr.
Adamlar Andreýiň tamynyň ýanyna bir möjegiň bukdaklap baryp, külüň üstünde oturanlygyny, soňam tumşugyny dik göge tutup, zaryn-zaryn uwlaýandygyny görüpdirler. Adamlar Andreýiň hol beýlesinden aýlanyp geçipdirler, onuň bilen salamlaşmandyrlar. Bu doňýürek adamyň kalbyny elhenç gorky gaplap alypdyr. Ol tamyndan çykmaga ýaýdanypdyr, gün ýaşdygy ýerine girip, ýatmak bilen bolupdyr. Hiç kimiň harabaçylygyň ýerinden täze jaý salasy gelmändir, howlularyň ýerinde gyzgandyr osinalar gögeripdir. Adamlar: «Andreýe bir zad-a bolupdyr. Däliräpmi-nämemi, gündizlerinehä günden, adamlardan gaçyp ýör, gijelerine bolsa harabaçylygyň içinde ygyp ýör» diýip, gürrüň edipdirler. «Andreý harabaçylyklaryň birinde ýanman galan sütünden asylyp ölüpdir» diýenlerinde, muňa geň galan bolmandyr.
Harabaçylygyň ýerine buldozerler gelipdir, olar ýykyk-ýumruklary ýer bilen ýegsan edipdirler, ýarym çüýrän töňňeleri goparyp taşlapdyrlar. Traktorlar arassalanan ýeri sürüp, ekerançylyk brigadasy ol ýere günebakar ekipdir. Günüň gülleri gül açyp, obanyň çetine şatlyk aralaşypdyr.
Andreýiň tamyna bolsa şähdaçyk mehanizatorlar göçüp barypdyrlar. Adamlar agşamlaryna baýanyň owazyny, gyzlaryň lälelerini diňläpdirler, gamly taryhy ýatlaşypdyrlar, Andreýiň gözgyny ykbaly barada böwürlerini diňläpdirler. Olar öz çagalarynyň ykballary barada oýlanypdyrlar, şol agşam: «bu

näme üçin beýle bolýar?» diýen pikir ençeme kalby gozgalaňa salypdyr. Ene öz ýüreginiň ähli mährini söýgüli perzendine – Andreý jana siňdiripdir, onuň üstünde kökenek gerip, gijeler ýatmandyr. Adamlar gadyr bilmez ogluň çagalygyny, ýaşlygyny ýatlaşypdyrlar. Hristinanyň adamsy bilen arabaly bugdaý ormaga gidişini, ýakymly ysly bedäni araba ýükleýşini, ak mata düşäp, onda Andreýkony ýatyryşyny, ony säher çagynyň çigreginden goraýşyny ýatlapdyrlar. On iki ýaşly uly ogly Pilipko kakasyna, ejesine kömek edip, tokaýdan odun çöpläpdir, ot ýakyp, suw getiripdir, on ýaşly Andreýko bolsa ukuda ýatypdyr.
Andreýko sagat hem şähdaçyk ösüpdir, ejesi ony tüýs ýürekden gowy görüpdir, ol ogluny hiç zadyň biynjalyk edip, hiç hili şatynyň oglunyň asuda çagalygyna şek ýetirmezligi üçin ýatsa-tursa alada edipdir. Bir gezek güýzde ejesi Pilipko bilen Andreýko üstüne gaýmak guýlan kömelek gowrup beripdir. Kömelek Andreýkonyň agzyna şeýle bir ýarapdyr welin, ol her gün üsti gaýmakly gowrulan kömelek haýyş edipdir. Kömelek bolsa golaý-goltumda gitdikçe azalypdyr, şonuň üçinem Hristina her gün tokaýa gidip, on iki kilometr dagy ýol aşypdyr. Bir gezek ejesi aýagyny gyýdyryp, öýlerine zordan özüni atypdyr. Emma şeýle güne düşenini ol, ýüregine daş baglap, ogluna duýdurmandyr: «Heý-de aýdyp, Andreýkonyň keýpini bozup bolarmy? Dünýäde hasratyň bardygyny bilmek oňa nämä gerek?» Gaýgyly-gamly bir zady oglundan gizlejek bolanynda, Hristina şeýle diýipdir. Bu gezek hem ol şeýdipdir. Ýaraly aýagyny ýeňil-elpaý daňyşdyrypdyr. Andreýkodan goňşularyny çagyrmagy haýyş edipdir. Goňşy aýal olara her gün bir sebet kömelek getiripdir, Hristina bolsa onuň üçin özüniň keşdeli köýneklerini beripdir. Ejesine bir zat bolanyny Andreýko şeýdibem bilmän galypdyr. Onuň kalby diňe özüniň şat bolanyny bilipdir, öz keýpinden başga ýekeje islegi hem bolmandyr. Şonuň üçinem ol doňýürek adam, kişiniň derdine we aladalaryna, howsaladyr ünjülerine perwaýsyz garapdyr.
Men ejesiniň sada daýhanlygyndan utanýan ol studenti tanamok, ýöne onuň gorkunç adamdygyny welin ynam bilen aýdyp biljek. Kyn pursatda oňa bil baglap bolmaz, ol seni satar. Ol öýli-işikli bolup, ata ýa är çykanda hem her gün onlarça,

ýüzlerçe maýdajyk dönüklik eder, şol maýda dönükliklerden bolsa bir uly jenaýatçylyk döreýär — ol öz çagalaryny sandan çykarar, aýalynyň degnasyna deger, öz çagalarynyň kalbynda ownuk egoizm, diňe özüňi bilmekligi, adamlara ýigrençdir biperwaýlyk bilen garamagy terbiýelär.
Janyň tut ýaly sag, wagtyň hoş bolsun.
Kakaň.

Wasiliý SUHOMLINSKIÝ. Pedagogika we edep-terbiýe